#193 (215)
среда, 4 сентября 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



***30-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň ýedi aýynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, şeýle hem ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça möhüm meselelere garaldy.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda ýerine ýetirilen işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Halk Maslahatynyň mejlisine gowy taýýarlyk görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow 2024-nji ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda ýurdumyzda gazanylan makroykdysady görkezijiler barada hasabat berdi. Maksatnamalaýyn çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, şu ýylyň ýedi aýynda jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy. Bu görkeziji senagat pudagynda 3,6 göterime, gurluşykda 9,3 göterime, ulag we aragatnaşyk pudagynda 7,1 göterime, söwdada 7,8 göterime, oba hojalygynda 7,8 göterime, hyzmatlar ulgamynda 7 göterime deň boldy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda jemi öndürilen önüm 11,5 göterim artyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda kadaly önümçilik netijeleri gazanyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetimiziň makroykdysady görkezijilerini durnukly saklamak boýunça zerur işleri geçirmegiň wajypdygyny belledi. Şunda jemi içerki önümiň ösüş depginini ýokary derejede saklamaga möhüm ähmiýet berilmelidir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere hereket edýän önümçilikleri döwrebaplaşdyrmak, täzeleriniň işini ýola goýmak boýunça alnyp barylýan işleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow gözegçilik edýän ýangyç-energetika toplumynda şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, pudaklaýyn düzümleriň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, nebiti we gaz kondensatyny çykarmak babatda gazanylan tehniki-ykdysady görkezijiler hakynda aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň nebitgaz senagatyna degişli kärhanalaryň doly güýjünde işledilmegini gazanmak üçin toplumyň işini yzygiderli kämilleşdirip durmagyň möhümdigini nygtady. Şunuň bilen birlikde, nebitiň çykarylýan we gaýtadan işlenen nebit önümleriniň möçberini artdyrmak zerurdyr. Döwlet Baştutanymyz gyş möwsüminde tebigy gaza islegiň artýandygyny nazara alyp, häzirden taýýarlyk işlerini geçirmegiň wajypdygyny belledi.

Wise-premýer täze, döwrebap ugurdaş desgalary gurmak, işe innowasiýalary, öňdebaryjy tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak arkaly «Türkmengaz» döwlet konserniniň infrastrukturasyny mundan beýläkde döwrebaplaşdyrmak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna «Türkmengaz» döwlet konserniniň «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasyny gurmak hakynda Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, nebitgaz pudagynyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmegiň möhümdigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz «Türkmengaz» döwlet konserniniň «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasyny gurmak hakynda Karara gol çekdi we resminamany wise-premýere sanly ulgam arkaly iberip, onuň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew gözegçilik edýän pudagynda şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Welaýatlarda bugdaý ekişi möwsümine degişli taýýarlyk görülýär. Bugdaý ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizlemek, geriş we çil çekmek, ýuwuş suwuny tutmak işleri dowam edýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyza ýurdumyzyň welaýatlarynda 2025-nji ýylyň hasyly üçin bugdaý ekişini agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, bellenen möhletlerde we ýokary hilli geçirmek maksady bilen, ussat daýhanlaryň, tejribeli hünärmenleriň, alymlaryň, mehanizatorlaryň gatnaşmagynda tejribe maslahatlaryny geçirmegiň hem-de hormatly ýaşulularyň gatnaşmagynda bugdaý ekişine başlamagyň senesini belläp, oňa ak pata bermek baradaky haýyş bilen ýüzlendi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň welaýatlarynda 4-nji sentýabrda bugdaý ekişine girişmäge ak pata berýändigini aýtdy we hormatly ýaşululardan bugdaý ekişini «Bismilla» bilen başlap bermeklerini haýyş etdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Annamämmedow, B.Atdaýew, M.Mämmedowa şu ýylyň ýedi aýynda gözegçilik edýän düzümlerinde ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary degişli yzygiderlilikde diňläp, wise-premýerlere birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ähmiýet berilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýedi aýynda Daşary işler ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, dünýä ýurtlary bilen söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlaryndaky gatnaşyklary yzygiderli berkitmegiň zerurdygyny belledi. Şeýle hem abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek möhümdir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýer, daşary işler ministrine anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň ýedi aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ulag we kommunikasiýalar toplumynyň öňünde goýlan wezipeleri doly ýerine ýetirmek üçin toplumyň işini döwre görä yzygiderli kämilleşdirip durmagyň wajypdygyny belledi we agentligiň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyzda şu ýylyň ýedi aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýändigini kanagatlanma bilen belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО МАЛАЙЗИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Премьер-министру Малайзии Анвару Ибрахиму, XVII Верховному Главе Малайзии Султану Ибрахиму ибн Алмархуму Султану Искандару и всему народу страны по случаю Национального дня Малайзии.

«Мы высоко ценим дружественные связи между нашими странами», – подчеркнул глава Туркменистана, выразив твёрдую уверенность в том, что эти отношения будут и далее развиваться и укрепляться в интересах народов двух государств.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал Премьер-министру Анвару Ибрахиму и XVII Верховному Главе Султану Ибрахиму ибн Алмархуму Султану Искандару искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Малайзии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА КЫРГЫЗСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Кыргызской Республики Садыру Жапарову и всему братскому народу страны по случаю Дня независимости Кыргызской Республики.

С удовлетворением отметив, что в настоящее время традиционно братские отношения между Туркменистаном и Кыргызстаном, основанные на принципах добрососедства, дружбы и доверия, успешно развиваются по самому широкому кругу направлений, глава государства выразил твёрдую убеждённость, что совместными усилиями межгосударственные связи будут и далее расширяться и укрепляться на благо двух братских народов.

Пользуясь этой возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов искренне пожелал Президенту Садыру Жапарову крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Кыргызской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ УЗБЕКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Узбекистан Шавкату Мирзиёеву и всему братскому народу страны по случаю Дня независимости Республики Узбекистан.

«Мы высоко ценим достигнутый уровень сотрудничества между нашими странами и придаём большое значение его укреплению и дальнейшему расширению», – говорится, в частности, в послании.

Отметив конструктивную роль Узбекистана в решении актуальных вопросов региональной и глобальной повестки дня, Президент Сердар Бердымухамедов выразил готовность и далее прилагать совместные усилия для активного продвижения туркмено-узбекских стратегических отношений на новые горизонты во благо братских народов двух стран.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов пожелал Президенту Шавкату Мирзиёеву крепкого здоровья, счастья и семейного благополучия, а также новых успехов во всех начинаниях на благо народа Республики Узбекистан.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА СОЦИАЛИСТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ВЬЕТНАМ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Социалистической Республики Вьетнам, Генеральному секретарю Центрального Комитета Коммунистической партии Вьетнама г-ну То Ламу и всему народу страны по случаю Дня независимости Социалистической Республики Вьетнам.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту То Ламу пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Социалистической Республики Вьетнам – прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости



# ГЛАВА ГОСУДАРСТВА ПРИНЯЛ УЧАСТИЕ В ОТКРЫТИИ НОВЫХ ОБЪЕКТОВ В СТОЛИЦЕ

1 сентября, в День знаний и студенческой молодёжи, в столице при участии Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова состоялось торжественное открытие новых объектов, органично вписавшихся в великолепный архитектурный ансамбль главного города страны.

Воспитание молодого поколения в духе высокого патриотизма и верности мудрым заветам предков, ответственности за будущее Родины и судьбу народа, создание всех условий для всестороннего гармоничного развития юных граждан, получения ими современного образования и обретения избранных профессий – приоритет государственной политики независимой нейтральной Отчизны, уверенно идущей по пути мира и созидания.

Наглядным тому свидетельством является новый беломраморный комплекс зданий Специализированной военной школы имени Бердымухамеда Аннаева Министерства обороны Туркменистана. Как известно, церемония закладки его фундамента состоялась при участии Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова 27 января 2022 года и была приурочена к Дню защитников Отечества.

С раннего утра на территории комплекса царит праздничная атмосфера. По случаю знаменательного события здесь собрались руководители военных и правоохранительных органов, а также курсанты военных вузов и воспитанники военных школ.

В торжественной обстановке зачитывается поздравительное Обращение главы государства, адресованное школьникам, студентам, учителям и работникам системы образования независимого нейтрального Туркменистана по случаю Дня знаний и студенческой молодёжи, традиционно ежегодно отмечаемого 1 сентября.

Президент Туркменистана, Верховный Главнокомандующий Вооружёнными Силами страны генерал армии Сердар Бердымухамедов прибывает на площадь перед учебно-административным зданием комплекса.

Участники церемонии с большим воодушевлением приветствуют главу государства.

Президент Туркменистана, Верховный Главнокомандующий Вооружёнными Силами страны генерал армии Сердар Бердымухамедов направляется к входу в учебно-административное здание. Здесь воспитанник военной школы обращается к главе государства с просьбой открыть новый комплекс.

Наступает торжественный момент: под аплодисменты участников церемонии Президент Туркменистана перерезает традиционную ленту и входит внутрь здания.

В фойе главу государства горячо приветствуют курсанты военной школы. Они вдохновенно декламируют стихи, прославляющие любимую процветающую Отчизну.

В торжественной обстановке Президент страны возложил венок к установленному в фойе памятнику Бердымухамеду Аннаеву, отдав дань светлой памяти своему прадеду, посвятившему жизнь служению Родине и народу и снискавшему глубокое уважение соотечественников.

Подчеркнув, что воспитание и образование молодого поколения постоянно находятся в центре внимания государства, глава Туркменистана поздравил воспитанников военной школы и их наставников с открытием нового комплекса, пожелав ребятам успехов в учёбе, овладении современными знаниями и инновационными технологиями. Это особенно важно ввиду того, что сегодня все рода войск национальных ВС укомплектованы новейшей военной техникой и передовым оборудованием.

Затем Президент Туркменистана направился в административно-учебный корпус. По пути следования глава государства вручил директору Специализированой военной школы имени Бердымухамеда Аннаева ключи от новых автомобилей.

Президент Туркменистана, Верховный Главнокомандующий Вооружёнными Силами страны генерал армии Сердар Бердымухамедов также сделал памятную запись в Книге почётных гостей военно-учебного заведения.

Попрощавшись с участниками торжества и ещё раз поздравив всех со знаменательным событием, глава государства направился к следующему ожидающему открытия объекту – новому зданию комплекса хякимлика города Ашхабад.

Неустанные усилия Президента Туркменистана по дальнейшему совершенствованию архитектурного облика Ашхабада находят отражение в динамичном развитии главного города страны, признанного жемчужиной Азии. Постоянно модернизируется инфраструктура столицы, включающая все особенности всесторонне развитого города, который пополняется новыми зданиями и сооружениями.

Очередное свидетельство тому – строительство комплекса хякимлика города Ашхабад, в который вошли пенсионный фонд, отдел труда и занятости населения, главные управления образования и культуры.

По случаю знаменательного события здесь собрались Председатель Меджлиса, члены Правительства, руководители министерств и ведомств, военных и правоохранительных органов, хяким города Ашхабад, представители общественных организаций и средств массовой информации.

Под бурные аплодисменты присутствующих Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов перерезает традиционную ленту – комплекс хякимлика города Ашхабад открыт! Новый объект стал ещё одним украшением исторического центра Ашхабада. В этот момент в небо взмывают разноцветные воздушные шары.

Глава государства вошёл в здание и ознакомился с его оснащением. В соответствии с требованиями времени здесь предусмотрены все условия для эффективной работы сотрудников.

Затем Президент Туркменистана посетил помещение городского центра видеонаблюдения и поинтересовался его работой.

В комплексе имеются конференц-зал на 300 мест, более 110 рабочих кабинетов со всеми удобствами, столовая на 120 мест, а также технические сооружения.

Оснащение кабинетов оборудованием, необходимым для эффективной работы сотрудников, в том числе компьютерами, мебелью и другими соответствующими средствами, отвечает предъявляемым требованиям в этой сфере.

Затем глава государства Сердар Бердымухамедов оставил памятную запись в Книге почётных гостей. Пожелав всем успехов, Президент Туркменистана отбыл с места события.

# TÜRKMEN-EÝRAN GATNAŞYKLARY HIL TAÝDAN TÄZE DEREJÄ ÇYKARYLÝAR

2024-nji ýylyň 28-nji awgustynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.

Tähranyň «Mehrabad» Halkara howa menzilinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyny EÝR-nyň ýokary wezipeli resmi adamlary garşyladylar. Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri bilen Eýranyň Ýol we şäher ösüşi ministri Farzane Sadeg Malwajerdiniň söhbetdeşligi geçirildi. Taraplar ynanyşmak we birek-birege hormat goýmak esasynda ýola goýlan Türkmenistan bilen Eýranyň hyzmatdaşlygynyň strategik häsiýete eýedigini nygtadylar.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideriniň awtoulag kerweni «Saadabad» toplumynyň «Jumhuri» köşgüne ugrady. Merkezi girelgäniň öňünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Prezident Masud Pezeşkian garşylady.

Iki ýurduň Döwlet baýdaklarynyň öňünde resmi surata düşmek dabarasyndan soňra çäkli düzümde duşuşyk geçirildi.

Prezident Masud Pezeşkian türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowa Eýrana sapar bilen gelmek baradaky çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, häzirki döwürde işjeň ösdürilýän döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejesini kanagatlanma bilen belledi. Eýranyň Baştutany ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ägirt uly goşant goşýan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bilen duşuşýandygyna örän şatdygyny nygtady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Eýranyň Baştutanyna bildirilen ýokary derejedäki myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi we Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan hem-de öz adyndan Masud Pezeşkiany Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti wezipesine saýlanylmagy mynasybetli ýene-de bir gezek gutlady. Şeýle hem Masud Pezeşkiana özüne amatly bolan wagtda Türkmenistana resmi sapar bilen gelmek baradaky Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň çakylyk hatyny gowşuryldy. EÝR-nyň Baştutany çakylyk üçin hoşallygyny bildirdi hem-de özi üçin amatly bolan wagtda Türkmenistana sapar bilen baryp görjekdigini belledi.

Duşuşygyň dowamynda Prezident Masud Pezeşkian türkmen halkynyň Milli Liderine onuň pars diline terjime edilen «Enä tagzym mukaddeslige tagzym» atly kitabyny sowgat berdi.

Türkmenistanyň halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow kitaby minnetdarlyk bilen kabul edip, ony türkmen halkyna gymmatly sowgat, enelere belent sarpanyň nyşany hökmünde garaýandygyny belledi.

«Mälim bolşy ýaly, ene-atalara hormat goýmak halkymyzyň gadymdan gelýän däbidir. Meniň «Enä tagzym mukaddeslige tagzym» atly eserimde bular barada jikme-jik beýan edilýär. Bu däp biziň enelerimize hormat-sarpanyň ýokary nusgasy bolup durýar» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri nygtady.

Duşuşygyň dowamynda türkmen halkynyň Milli Lideri şu ýylyň maýynda pajygaly ýagdaýda aradan çykan Eýran Yslam Respublikasynyň şol wagtky Prezidenti Seýed Ebrahim Raisiniň döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmaga saldamly goşant goşandygyny belledi.

Soňra söhbetdeşler özara hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy, ony mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň geljegi barada pikir alşyp, söwda-ykdysady ulgamy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezdiler.

Şunda gaz pudagyndaky hyzmatdaşlyk ara alnyp maslahatlaşyldy. Onuň çäklerinde Eýrana we onuň üsti bilen «SWAP» görnüşinde beýleki ýurtlara türkmen tebigy gazynyň iberilýändigi bellenildi we bu işleri has giň gerimde dowam etdirmäge taýýarlyk tassyklanyldy. Şunuň bilen bir hatarda, Halk Maslahatynyň Başlygy Eýrana iberilýän türkmen tebigy gazynyň möçberini her ýylda 40 milliard kub metre çenli artdyrmak babatda tagallalaryň edilýändigini aýdyp, bu ugurda eýran kompaniýalary bilen taslamalary amala aşyrmagy teklip etdi.

Şeýle hem taraplar elektroenergetika pudagyndaky hyzmatdaşlyk, hususanda, EÝR-na türkmen elektrik energiýasyny eksport etmek babatynda pikir alyşyldy.

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

Интернет газета
Международные новости



# TÜRKMEN-EÝRAN GATNAŞYKLARY HIL TAÝDAN TÄZE DEREJÄ ÇYKARYLÝAR

(Başlangyjy 2-nji sahypada).

Üçünji möhüm ugur hökmünde ulag ulgamy kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda hyzmatdaşlygy güýçlendirmäge taýýarlyk tassyklanyldy.

Halkara we sebit syýasatynyň özara gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleri hem ara alnyp maslahatlaşyldy.

Soňra gepleşikler giňişleýin düzümde dowam etdi. Duşuşyga gatnaşyjylar ikitaraplaýyn görnüşde, iri halkara guramalaryň çäklerinde döwletara hyzmatdaşlygynyň giň meselelerine garadylar.

Gatnaşyjylar syýasy-diplomatik ulgamdaky hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşdylar we häzirki zamanyň derwaýys meseleleri barada pikir alyşdylar.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda halkara howpsuzlyk meselesi dünýä syýasatynyň wajyp mowzuklarynyň hatarynda durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek işine goşant goşmak ugrunda uly tagalla edýändigi nygtaldy. Hususan-da, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda ýurdumyzyň öňe süren Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp düzmek baradaky başlangyjynyň wajypdygyna üns çekildi.

Taraplar parahatçylyk başlangyçlaryny durmuşa geçirmekde hyzmatdaşlyk etmäge meýillidiklerini beýan etdiler.

Wekiliýetleriň agzalary söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada pikir alyşdylar. Türkmen halkynyň Milli Lideri ikitaraplaýyn söwda dolanyşygynyň möçberiniň depginli ýokarlanýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Ikitaraplaýyn esasda iberilýän önümleri we harytlary artdyrmagyň, şeýle-de bu işlere hususy kompaniýalary işjeň gatnaşmaga çagyrmagyň maksadalaýyk boljakdygy nygtaldy.

Elektroenergetika pudagyndaky hyzmatdaşlyk hem jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň energetika pudagyndaky gatnaşyklary has-da pugtalandyrmakda tagallalary edýändigini belledi.

Ulag ulgamy hem ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Türkmenistan we Eýran bu ugurdaky hyzmatdaşlygy berkitmäge uly ähmiýet bermek bilen, ýük gatnawlarynyň artdyrylmagy ugrunda çykyş edýärler. Taraplar awtomobil ýollaryny gurmak babatda hyzmatdaşlygyň netijelerini we geljegi uly taslamalary ara alyp maslahatlaşdylar.

Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýolunyň işjeňligini ýokarlandyrmak maksady bilen, türkmen halkynyň Milli Lideri üçtaraplaýyn esasda işlemegiň we bu hereketleri amala aşyrmak üçin üç ýurduň kompaniýalaryny işe çekmegiň maksadalaýyk boljakdygyny nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Ermenistan-Eýran-Türkmenistan-Gazagystan üstaşyr ulag geçelgesi boýunça ýük daşamak we bu ugry netijeli peýdalanmak babatda tekliplerini beýan etdi.

Taraplar Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-eýran hökümetara toparynyň işini güýçlendirmegiň maksadalaýykdygyna ünsi çekdiler.

Medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy giňeltmek meselesine aýratyn orun berildi. Şunda özara Medeniýet günleriniň geçirilmeginiň uly ähmiýete eýedigi bellenildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýi mynasybetli şu ýylyň maýynda Eýranda bilelikdäki medeni-köpçülik çäreleriniň guralandygy üçin eýran tarapyna minnetdarlyk bildirdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanda we daşary ýurtlarda bu şanly senä bagyşlanan çäreleriň geçirilmegi dowam etdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri öz adyndan we Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentini Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda geçiriljek döwlet we hökümet Baştutanlarynyň halkara forumyna gatnaşmaga çagyrdy. Çakylyk hoşallyk bilen kabul edildi.

Giňişleýin düzümdäki gepleşikler tamamlanandan soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Gol çekilen resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2025-2026-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlyk etmek hakynda Maksatnama, Türkmenistanyň Türkmenbaşy Halkara deňiz porty bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Amirabad portunyň arasynda doganlyk port gatnaşyklary barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama, Tebigy gaz babatda hyzmatdaşlygy ösdürmek barada «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Eýranyň Milli gaz kompaniýasynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük edarasynyň arasynda hyzmatdaşlygyň geljekde çuňlaşdyrylmagy we giňeldilmegi boýunça bilelikdäki çäreleriň 2025-2026-njy ýyllar üçin Maksatnamasy bar.

* * *

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Eýran Yslam Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň resmi wekiliýetiniň agzalarynyň eýranly kärdeşleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary boldy.

Gepleşikleriň barşynda ýangyç-energetika, elektroenergetika, ulag-kommunikasiýa ulgamlarynda, gümrük edaralarynyň ugry boýunça gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň we Eýran Yslam Respublikasynyň döwlet we hususy düzümleri netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge gyzyklanma bildirildiler.

# OPENING OF THE NEW SCHOOL NAMED AFTER MAGTYMGULY TOOK PLACE IN TAJIKISTAN

**On 1 September 2024, the opening ceremony of the secondary school named after Magtymguly envisioned for 540 children was held in the farmers' association «Ergesh Sultanov» in Dusti district of Khatlon region of the Republic of Tajikistan.The heads of state Serdar Berdimuhamedov and Emomali Rahmon attended the ceremony through videoconferencing.**

The construction of the premises of the new educational institution was carried out in the Republic of Tajikistan by the constructors of Turkmenistan in accordance with the Resolution of the Head of State signed in December 2022. This decision was made on the basis of the agreement reached previously between the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and President of Tajikistan Emomali Rahmon and upon the mutual interest of the parties to expand humanitarian ties.

As it is known, the laying of the foundation of the secondary school took place on 10 May 2023 during the state visit of President Serdar Berdimuhamedov to the Republic of Tajikistan.

Honorary elders, members of official delegations of the two countries and members of the public took part in the opening ceremony.

Having greeted and congratulated all participants and guests of the ceremony on the opening of the new secondary school, the moderators in Turkmen and Tajik languages respectfully invited the heads of state to speak.

The floor was given first to the President of the Republic of Tajikistan Emomali Rahmon, who emphasized that he was sincerely pleased to take part in the opening ceremony of the secondary school together with the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov.



President Emomali Rahmon took the opportunity to express heartfelt gratitude to the National Leader of Turkmen people for his personal contribution to the development of Turkmen-Tajik interaction recalling that the modern school was built on the initiative of Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov.

Once again expressing heartfelt gratitude on behalf of all residents of Khatlon region of Tajikistan to President Serdar Berdimuhamedov and the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov, as well as to the constructors for the implementation of this important project, President Emomali Rahmon emphasized that the opening of the school named after Magtymguly on the Tajik land is undoubtedly a bright symbol of friendship and constructive relations between the fraternal countries.

Then, the President of Turkmenistan addressed the guests and participants of the ceremony via videoconferencing.

Congratulating the President of Tajikistan, teachers and pupils on the first day of the

(Dowamy 4-nji sahypada).

# OPENING OF THE NEW SCHOOL NAMED AFTER MAGTYMGULY TOOK PLACE IN TAJIKISTAN

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

new academic year and the opening of the Magtymguly secondary school, President Serdar Berdimuhamedov noted that he was pleased to participate in the opening ceremony via videoconference.

President Serdar Berdimuhamedov expressed sincere gratitude to President Emomali Rahmon for his constant attention to the issues of strengthening and expanding Turkmen-Tajik relations and on behalf of Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov and the Turkmen people once again cordially congratulated the head of the friendly state, as well as the teaching staff and pupils on the opening of the new modern school, wishing them all great success.

Then the floor was given to the honorary elders of Dusti district of Khatlon region of the Republic of Tajikistan. Representatives of the older generation expressed their deep gratitude to Presidents Serdar Berdimuhamedov and Emomali Rahmon for their online participation in the ceremony, and in two languages addressed sincere wishes for good health, long life and great success in noble deeds and endeavors, and asked them to give blessings to the opening of the secondary school named after Magtymguly.

With the blessings of the Presidents of two states, the heads of official delegations of Turkmenistan and the Republic of Tajikistan cut the symbolic ribbon with the applauses of the audience.

The school built by «Döwlet Gurluşyk» enterprise is a compound with a total area of over 4,300 square meters. The construction was carried out in accordance with modern standards and entirely at the expense of the Turkmen side. The main building encompasses 24 large bright classrooms, where all conditions for smooth educational process are envisioned. There is also a library, an indoor gym, a large assembly hall, a cafeteria, a medical center, etc.

In honor of this milestone event, on behalf of the President of Turkmenistan and the National Leader of Turkmen people, Chairman of Halk Maslahaty of Turkmenistan 100 «Bilimli» laptops and a Toyota Coaster bus were presented to the new school at the expense of the Gurbanguly Berdimuhamedov Charitable Foundation for Assistance to Children in Need of Guardianship.

The songs and musical performances of the workers of art and culture of two countries enriched the celebration.

# On meeting of the National Leader of Turkmen People with the Head of Group of Companies «Çalyk Holding»



On 2 September 2024, the National Leader of Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov held a meeting with Ahmet Çalyk, Chairman of the Board of Managers of «Çalyk Holding» Group of Companies.

Expressing gratitude to the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan for the opportunity to meet in person, Ahmet Çalyk cordially congratulated Gurbanguly Berdimuhamedov on the Day of Knowledge and Student Youth and conveyed warm greetings from the President of the Republic of Türkiye Recep Tayyip Erdo an, including greetings to President Serdar Berdimuhamedov.

Noting the reforms taking place in Turkmenistan under the leadership of the President of Turkmenistan, Ahmet Çalyk emphasized the significance of the opening of the new complex of the Ashgabat Hyakimlik (City Administration), the construction of which was entrusted to «Çalyk Holding» Group of Companies. The official opening of the building took place the day earlier in participation of the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov.

The National Leader of Turkmen people thanked the interlocutor for coming to share the joyful event and expressed his best wishes to the President of the Republic of Türkiye.

During the meeting, the parties discussed the current state of cooperation in various fields, including energy, textile industry, construction and others. It was noted that Turkmenistan's external economic relations with partner states and foreign private sector are based on the principles of equality, mutual understanding and respect for common interests.

The National Leader of Turkmen people expressed confidence that «Çalyk Holding» will continue to participate in national and regional projects in Turkmenistan, applying advanced technologies and highly productive equipment.

Expressing sincere gratitude for high trust, the Chairman of the Board of Managers of «Çalyk Holding» Group of Companies assured that the Turkish partners would continue to responsibly fulfil their contractual obligations.

# Türkmenistan «Rönesans Holding» türk kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirýär



2024-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Rönesans Holding» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Erman Ylyjak bilen duşuşygy geçirildi.

Işewür duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallygyny beýan edip, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiň täze binalar toplumynyň gurluşygynyň «Rönesans Holdinge» ynanylmagynyň bu kompaniýa üçin uly mertebedigini belledi.

Bu toplumyň açylyş dabarasy ýaňy ýakynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda geçirildi.

Soňra Erman Ylyjak Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyny Bilimler we talyp ýaşlar güni bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň Türkmenistanyň ýolbaşçylygyna mähirli salamyny ýetirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirdi hem-de Türkiýäniň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Şeýle hem taraplar kompaniýanyň Türkmenistandaky köpýyllyk iş tejribesini hasaba almak bilen, şäher gurluşygy, nebit-gaz we himiýa senagaty ýaly pudaklarda häzirki wagtdaky we geljekki taslamalary ara alyp maslahatlaşdylar.

Işewür bildirilen uly ynam üçin sagbolsun aýdyp, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň öz üstüne alan şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerine ýetirmegi üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

Duşuşygyň dowamynda şu ýylyň 10-11-nji sentýabrynda Aşgabatda geçiriljek Türkmenistanyň maýa goýum forumynyň ähmiýetine üns çekildi.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Встреча туркменского дипломата с главой Туристического ведомства Катара*

Посол Туркменистана в государстве Катар Мыратгельды Сейитмаммедов встретился с главой Туристического ведомства Катара Саадом бин Али Аль Харджи.

В ходе встречи посол ознакомил с реализуемыми в стране задачами, направленными на развитие туристического сектора, а также с достижениями в данной сфере, в частности, с национальной туристической зоной «Аваза» и городом Аркадаг, который поражает красотой своей архитектуры.

Глава Туристического ведомства Катара Саад бин Али Аль Харджи отметил важность установления двухстороннего сотрудничества в туристической сфере.

### *Туркменистан и Узбекистан нацелены на увеличение взаимного товарооборота*

Сопоставление таможенных статистических данных в сфере взаимной торговли было главной темой рабочей встречи экспертов Туркменистана и Узбекистана. Встреча состоялась в здании Лебапской велаятской таможни в городе Туркменабад.

Как сообщается на сайте Государственной таможенной службы Туркменистана, стороны обсудили методологию формирования данных о внешней торговле товарами для таможенных служб двух стран, провели анализ показателей по итогам 2023 года по направлениям «экспорт Узбекистана – импорт Туркменистана» и «импорт Узбекистана – экспорт Туркменистана».

### *Туркменистан представит город Аркадаг на Всемирной выставке «умных городов»*

Делегация Туркменистана во главе с председателем Государственного комитета по строительству города Аркадаг при Президенте Туркменистана Д.Оразовым примет участие во Всемирной выставке «умных городов» – World Smart City Expo, которая пройдет с 3 по 5 сентября в Сеуле, Республика Корея.

Цель поездки - оптимизации развития города Аркадаг, возведённого по инициативе Национального Лидера туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедова как первый «умный» город, страны, служащий образцом для всего национального градостроительства.

В экспозиционном павильоне на WSCE будут представлены возможности города Аркадаг, опирающиеся на компьютерные и смарт-технологии. Как подчеркнул Национальный Лидер туркменского народа в ходе состоявшегося на днях рабочего совещания в городе Аркадаг, туркменской делегации следует сделать всё необходимое, чтобы представить оригинальные достижения и великолепие города Аркадаг. Участие во Всемирной выставке позволит обменяться опытом и внедрить в Туркменистане передовые технологические разработки.

### *Ансамбль из Туркменистана завоевал первое место на фестивале «Шарк тароналари» в Узбекистане*

В Самарканде торжественно завершился XIII Международный фестиваль «Шарк тароналари» («Мелодии Востока»). Приятным сюрпризом подведения итогов фестиваля стала победа Национального музыкального ансамбля из Туркменистана, который завоевал первое место.

В составе коллектива выступили выдающиеся мастера искусства: солист группы, народный артист Туркменистана Суханберды Оразбердиев; народный артист Туркменистана, ударник-перкуссионист Хакберды Алламурадов; дутарист Довлет Данатаров.

Вторую ступень пьедестала заняли два талантливых коллектива: «Атамекен» из Казахстана и «Маком Бэнд» из Узбекистана. Третье место разделили представители Японии, Монголии и России. По решению международного жюри, главный приз 13-го Международного музыкального фестиваля «Шарк тароналари» – Гран-при был вручен азербайджанскому ансамблю мугама «Симург».

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***